Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe  Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda eziz Türkmenistan watanymyz dünýäde oňyn bitarap daşary syýasaty alyp barýar. Eziz watanmyzyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň mejlisinde  kabul edilen "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" Rezolýusiýalarynda Türkmenistanyň bitaraplyk derejesiniň dünýä bileleşigine girýän döwletler tarapyndan biragyzdan goldanylyp ykrar edilmegi eziz watanmyzyň dünýä ýüzündäki at abraýyny arşa galdyran wakalaryň biri boldy.

Eziz Türkmenistan döwletimiziň bitaraplyk derejesini almagy barada aýdylanda biziň watanymyz dünýä bileleşigi tarapyndan bitaraplyk derejesi ykrar edilen ilkinji döwlet derejesine eýe bolmagydyr.

Bitaraplyk näme?

Bitaraplyk bu  "neutral" (neýtral) atly sözden gelip çykyp "oňada däl–muňa-da" diýen manyny berýär. Beýle diýildigi, Türkmenistan dünýä ýüzünde bolýan uruşlara dawalara, harby hereketlere goşulman dünýäde parahatçylygy goramaga we üpjün etmäge öz goşandyny goşýan döwlet bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň Harby doktrinasy hem döwletiň bitaraplyk syýasatynyň talaplaryna laýyk gelýän kadalara görä düzülen hukuk kadasydyr. Muňa mysal edip, harby doktrinamyzda beýan edilýän "Türkmenistan hiç bir döwlete öz duşmany hökmünde garamaýar, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmaýar, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere gatnaşmakdan ýüz döndürýär we öz serhetlerine we döwlet garaşsyzlygyna howp salýan agressiýa hereketlerine garşy harby güýjüni ulanmagy borç hasaplaýar" diýen bölekleri aýtsak ýalňyşmarys.

**Kemal GURBANOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены